# Büdreýän ädimler

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Büdreýän ädimler BÜDREÝÄN ÄDIMLER



*Lawrowy indi ne metbugat ýygnaklarynda, ne-de Hmeýmim harby bazasynda ynamly ädimler bilen patyşalar ýaly ýöräp barýarka görýäris.*
*Russiýanyñ Daşary işler ministri Sergeý Lawrow / Fotosurat: Reuters*
Gazadan Ýemene çenli uzaýan bu gorkunç goh-galmagalyñ ortasynda Siriýanyñ ynjalykly pozisiýasy bilen birlikde Russiýanyñ gaba pozitiwligi, diplomatiýasy we ultradolandyryşy öz içine alýan pozisiýasy geñ galdyryjy görünýär.
Sergeý Lawrowyñ çykyşlary, Russiýanyñ wetosy we batly sesi nirede?
Düýp sorag we düýp mesele şunda.
Munuñ iñ añsat jogaby – Moskwanyñ argyndygy we Ukraina urşy

bilen meşguldygy hem-de Siriýa frontynda artykmaç ýük islemeýändigi bolup biler.
Siriýanyň özi urşuň içinde we ol çaknyşyklaryň ulalyp gidibermegini islänok. Emma bu beýanat dogrudygyna garamazdan ynandyryjy ýaly bolup görünse-de, ýeterlik däl.
Russiýa duşmançulygyny söz bilen beýan edende köplenç belent ses bilen çäksiz dil ulanmak arkaly beýan edýär. Emma häzir Kremliň Tel-Awiw bilen gatnaşygynyň üýtgändigi we Putin bilen russiýaly jöhitleriň arasynda organiki baglanyşygyň bardygy mesaňa belli boldy.
Bu meseläniň Moskwanyň pozisiýasyna täsirini ýetirip, kanunylaşdyryşy ýaly Şamyň pozisiýasyny-da «Hamasa» bolan duýgulary we «Musulman doganlar» bilen arsyndaky taryhy duşmançylygy kanunylaşdyrýar.
Režimem, siriýalylaram «Hamasyň» «rewolýusiýa» ýyllarynda oýnan roluny heniz ýatdan çykarmady.
Şu üýtgän arenada iň bolmanda ýokardakylar ýaly syrly faktor ýaňy orta çykyp başlady – olam bir döwür bilelikdelik we ýaranlyk derejesine ýeten Siriýa-Eýran gatnaşyklarynda bolup geçýändigi aýdylýan üýtgeşme.
Özara gatnaşyklaryň edil häzir agsaýandygy we Siriýanyň araplaryň arasynda özüni ýaramazlaşan izolýasiýa iteren öňki syýasy ugurlarynyň köpüsini gözden geçirýändigi belli.
Bu üýtgeşmeler Gaza-Liwan urşunyň gyra-bujagynda däl-de, jümmüşinde ýer alýar.
Arap dünýäsindäki jemgyýetçilik onuň üçin möhüm bolman biler, emma Kreml ABŞ-dyr Günbatara garşy alyp barýan giň gerimli urşuň içindekä rus jemgyýetçiligini görmezlige salyp bilmez.
Gazadaky, Liwandaky gyrgynçylyklardan täsirlenen dünýä üçin Ukraina urşunyň ruslar üçin nähili möhüm ähmiýetiniň bardygyny göz öňüne getirmegem kyn.
Sowet Soýuzy rus ruhundan, edebiýatyndan we taryhyndan uzak, köpüsi aziýaly, yslam we kawkaz gelip çykyşly on bäş respublikadan ybaratdy.
Diňe Ukraina Russiýanyň medeni, etniki we milli ekizi ýalydy. Uruşam şu ekizlere garşy alnyp barylýar.
Gaýgy-ünjilerimiz we betbagtçylyklarymyz zerarly Russiýanyň

Kiýewdäki urşy gutarandyr öýtsegem, her gün uly ähtimallyk bilen täzeden başlanýar.
Şol sebäpden Lawrowy indi ne metbugat ýygnaklarynda, ne-de «Hmeýmim» harby bazasynda ynamly ädimler bilen patyşalar ýaly ýöräp barýarka görýäris.

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Ýekşenbe, 07.10.2024 ý. Publisistika